# Haýyş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Haýyş HAÝYŞ

Gitme, bu owadan dünýeden gitme,
Köýdürilen ykbalymdan gitseñ-de.
Ýolda-yzda sataşsak-da, ýatlar deý
Geç, aýtma-da kalba gussa ýetse-de.

Nirededir bir ýerlerde barlygñy,
Duýup ýaşasam bor çykman gözlegñe.
Semender deý oda baranlygymy,
Duýdurmaryn saña, bakman gözlerñe.

Bagtyñ üçin özim eýledim pida,
Pidasyz utuş ýok ykbal oýnunda,
Köýdürlen umydym etse-de seda,
Sen mensiz ýaşaber bagtyñ goýnunda.

Aýrylygña asla çytmaryn gaşym,
Takdyryma kaýyl borun sem bolup.
Sen gelmediñ diýip bakmaryn daşym,
Ýaşasak bor bir howadan dem alyp.

«Gelmedi » diýip gussa dörse kalbymy,
Ilden gizläp aglaşaryn dañ bilen.
Ykbal çatrygynda aýrylsa ýollar,
Senli günler ýaşar ýörer meñ bilen.

Yşkyñ otly lybasyny geýsem-de,
Ýazmadyk takdyrdan almaryn gañryp.
Elde elwan pyýalamy döwse-de
Bilmez hiç kes seni kalbymdan aýryp.

Keşbiñ galan gözlerimden gitseñ-de
Dözmerin owadan dünýeden gitseñ
Menzillere özge bilen ýetseñ-de